TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
"Ylym" neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© "Ylym" neşirýaty, 2023

Magtymguly ulyny sylamagy, ululara hormat goýmagy ýaşlary terbiýelemekde adamkärçiligiň iň gowy häsiýetleriniň biri hasaplaýar. Onuň nukdaýnazaryndan ýaşlar ata-enelerini hormatlap, özlerinden ulyny sylamalydyrlar. Uly adamlar kiçä bir ýumuş buýursalar, ony ýerine ýetirmelidirler. Uly ýaşlylar duşan wagty kiçi ýaşlynyň salam bermegi parzdyr. Ulular gürleşse, kiçiler sözüni bölüp, edepsizlik etmeli däldirler. Şahyryň şeýle pikirleri orta atýan goşgulary az däl. Akyldar şahyr terbiýeçilik ähmiýetli öwüt-nesihat, ahlak häsiýetli şygyrlary bilen çeper edebiýaty halkyň hyzmatyna goýmagy ussatlyk bilen başarypdyr. Onuň döredijiliginiň agramly bölegi öwüt-ündewden, akylly-parasatly maslahatlardan ybarat. Ýazylan wagtyndan bäri nijeme ýyllar geçse-de, şol ajaýyp şygyrlar öz terbiýeçilik ähmiýetini saklaýar.

Türkmen halkynyň baý taryhy bar. Sebäbi türkmen halkynda şan-şöhratly taryhyň döremegine sebäp bolan beýik şahsyýetler kän. Beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny, onuň öwüt-ündew, edep-terbiýe bilen bagly garaýyşlaryny, pikirlerini, öwütlerini durmuş ýolunda görelde mekdebi hökmünde görmek nesilleriň mukaddes borjudyr. Magtymguly akyldar söz ussady. Ol Watanyny söýýän päk ahlakly adamlara hormat goýupdyr. Şahyryň şygyrlary elmydama öz gymmatyny ýitirmejek eser bolup galar.

## EDEBIÝAT

1. *Magtymguly*. Şygyrlar. I tom. – A., 1992.
2. Edebiýat we sungat. 2020. – 6-njy oktýabr.
3. *Nuryýewa G*. Magtymgulynyň ylym-bilimiň jemgyýetdäki orny dogrusynda». «Türkmen ruhunyň almaz täji. (makalalar ýygyndysy). – A.: TDNG, 2014.
4. *Ö.Gullyýew*. Terbiýeçi şahyr. // Mugallymlar gazeti. 2015. – 2-nji fewral.

**Mähriban Gandymowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARY – WATANÇYLYK DUÝGYSYNYŇ BEÝIK NUSGASY

Türkmen halky ylma-bilime uly sarpa goýup gelýän halk. Muňa biz ata-babalarymyzyň çuňňur kelamlarynyň, Magtymguly atamyzyň şygryýetindäki paýhasly pikirleriniň, dana sözleriniň, aýtgylarynyň üsti bilenem anyk göz ýetirýäris. Magtymgulynyň goşgularynda esasy gymmatlyk bolup, il-günüň agzybirligi, asudalygy, bitewüligi hem-de jebisligi öňe çykýar. Magtymgulynyň baý döredijilik mirasy türkmen halkynyň ruhy genji-hazynasynyň, onuň öz köklerini

müňýyllyklaryň jümmüşinden alyp gaýdýan özboluşly milli medeniýetiniň ähmiýetli hem-de aýrylmaz bölegidir.

Türkmen nusgawy şahyrynyň goşgulary häzirki döwürde nesilleri ruhy, ahlak, estetiki taýdan terbiýelemegiň öz ýokary maksadyny we belent wezipesini ýerine ýetirýär. Magtymguly Pyragynyň adamzadyň ruhy medeniýetiniň genji-hazynasyna giren eserleri adamlaryň kalbynda belent duýgulary oýarmak bilen dünýäniň ençeme dillerine terjime edildi.

Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň watançylyk, terbiýeçilik ähmiýeti aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Şahyryň döredijiliginiň bütin durky, kalbynyň joşguny, ähli pikirleri ilkinji nobatda, türkmen halky we onuň ykbaly bilen baglydyr. Şonuň üçin hem Magtymgulynyň döredijiligi şahyryň öz ýaşan döwrüniň öňe çykaran möhüm meselelerini many-mazmun taýdan ýokary derejede beýan edýänligi bilen ähmiýetlidir.

Magtymguly Pyragy – söz güýji, kelam gudraty bilen şahyrana älemiň arşyna galan şahyr. Magtymgulynyň şygryýeti – türkmen edebiýatynyň teşne kalplary gandyrýan çeşmesi. Ol çeşme gözbaşyny Oguz handan, Gorkut atadan, Göroglydan alyp gaýdyp, ata-babalarymyzyň ýol-ýörelge edinen ynsanperwerliginden, ahlak we edep ýörelgelerinden, watanperwerliginden, yşkdan we gözellikden ylham alýar. Şahyryň belent adamkärçilik duýgulary, şahyrana sözleri, müň öwüşginli öwüt-ündewleri bagtyýar türkmen halkynyň kalbynda ruhubelentlik, çäksiz joşgun, nepis duýgulary oýarýar. Magtymgulynyň köp goşgulary halk arasynda atalar sözüne, nakyla öwrülipdir:

*Magtymguly, güýçli bilen talaşmaň*
*Haýry goýup şer işlere ulaşmaň.*

*Gelen aş diýip gelmez, turşutmagyl ýüz,*
*Nana mätäç däldir, söze myhmandyr.*

*Dostuňy egleme nepden galmasyn,*
*Duşmanyň saklama syryň bilmesin.*

*Jomardy il tanyr, adyly – diwan,*
*Aty meýdan tanyr, hümmeti – myhman* [3, 34 s.].

Gahryman Arkadagymyzyň: «Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýulýan mukaddeslikleriň biridir» [1] – diýip, belläp geçişi ýaly, halkymyz beýik şahyryň şygyrlaryny has düýpli öwrenmek bilen, Berkarar döwletiň aýgytly ösüşlerini rowaçlandyrmakda olary ruhy ýörelge edinýär.

Köp zatlara akyl ýetirmek islegi şahyry jahankeşdelik bilen meşgullanmaga iteripdir. Onuň ençeme goşgularynda ýurtlar, ülkeler, şäherler, obadyr kentler, welaýatlar barada gürrüň berilýär. Şu nukdaýnazardan, Magtymguly Pyragynyň «Jahankeşdelik» ylmy bilen meşgullanandygyna göz ýetirýäris. Magtymgulynyň jahankeşdelik Gazagystanda, Kawkazda, Eýranda, Owganystanda, Hindistanda, Ýakyn Gündogaryň ençeme ýurtlarynda bolmagy onuň ylmy goruny has-da artdyrýar, dürli ýurtlar baradaky pikirlerini, bilimini çuňlaşdyrýar. Biz onuň goşgularynda «Ýörtgül bu dünýäni her çen», «Görsemdim Müsür, Şam-Şerif, Rum, Pereňi», «Bagdatda gyş bolmaz, Gyrgyzda tomus», «Bu halyma rehimi inip, aglaýar şähri Ýemen» [2, 23 s.] ýaly goşgy setirlerinde, bir tarapdan, dünýäniň ýurtlary barada, olaryň tebigaty dogrusynda ylmy esasda ýazylan gürrüňler berilýär. Ikinji tarapdan, bu pikir ýüwürtmeleri Magtymgulynyň açyşlara, ylym-bilim bilen bagly möhüm işlere bolan goşandygyna güwä geçýär.

Magtymgulynyň zergärçilik hünäri, şeýle-de ussaçylygyň başga ugurlary bilen meşgullanmagy, onuň adamlary dürli ugurlarda hünär eýesi bolmaga çagyryşlarynda aýdyň duýulýar:

*Ýok döwletden ýegdir, bolsa bir hünär,*
*Müň hünärden zerre döwlet ýagşydyr.*

ýa-da:

*Rumda, Yspyhanda, Hindide, Hebeşde,*
*Bolar, bolmuş hünärleri bildim tut* [3, 56 s.].

– diýip, aýdan sözleri beýik şahyryň adamlaryň hünärli bolmak ýolunda ylmyň, okuwyň uly ähmiýetini aýdyňlygy bilen düşündirýär.

Şahyr özüniň üç ýyllap okan ýeri bolan Hywadaky «Şirgazy» medresesi bilen hoşlaşyp, Watanyna (Gürgene) gaýtmaly bolan wagtynda ýazan «Gözel Şirgazy» atly şygrynda medresede alan ylmyny, bilim alan ojagyny ýokary ussatlyk bilen taryp edýär:

*Seljerer men indi agy-garany,*
*Dost, rakyp, gardaşym, haky ýarany,*
*Okydym, göterdim kitap, Kurany,*
*Gider boldum, hoş gal, gözel «Şirgazy»* [3, 32 s.].

Magtymguly Pyragynyň baý, gymmatly edebi mirasy nesiller üçin taglymatdyr, watançylyk duýgusynyň beýik nusgasydyr.

Arkadagly Serdarymyzyň: «Gündogaryň beýik akyldary we danasy Magtymguly Pyragy özüniň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan goşgulary bilen ynsan kalbynda baky orun aldy. Dana Pyragynyň ynsanperwerligi, halallygy, agzybirligi ündeýän eserleri ähli adamzat üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr. Häzirki döwürde Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk şanly senesini giňden bellemäge döwletimiz tarapyndan uly taýýarlyk görülýär. Bu toý türkmen halkynyň akyldar şahyryna goýýan belent hormat-sarpasynyň, dünýä ýüzündäki abraý-mertebesiniň näderejede belentdiginiň aýdyň subutnamasyna öwrüler» diýip bellemegi ýurdumyzda Magtymguly Pyragynyň sarpasynyň belentden tutulýandygyny görkezýär.

## EDEBIÝAT

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmany. //Magtymguly. Eserler ýygyndysy. I tom. A.: TDNG, 2013.
2. Magtymguly. Goşgular. – A.: TDNG, 2010.
3. Magtymguly. Goşgular. – A.: TDNG, 2014.

**Aýnabat Nazarowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*

# GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ ESERLERINDE MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ NUSGALYK DÖREDIJILIGINIŇ ÖZ BEÝANYNY TAPYŞY

Ençeme asyrlar geçse-de, Magtymguly Pyragynyň mirasy gadyr-gymmatyny barha artdyryp, türkmen halkynyň ýüreginde baky orun tutýar. Bu barada Milli Liderimiz: «Döredijiligiň belentligi akyldarlyk bilen häsiýetlendirilýär. Magtymguly diňe şahyr däl, akyldar, bu häsiýetnama Gündogaryň ussatlarynyň aglabasyna mahsusdyr» diýip belleýär [1, 34 s.].

Magtymguly Pyragy häzirki wagtda umumadamzat ähmiýetli şahyr hasaplanýar. Şahyryň döredijilik mirasy ýaş nesiller üçin edep-terbiýäniň, ynsanperwerligiň mekdebi bolup durýar. Onuň döredijilik dünýäsinde halkymyzyň milli özboluşlylygy, ruhy dünýäsi şöhlelenýär. Onuň paýhasa ýugrulan şygyrlarynda ynsan durmuşy hemmetaraplaýyn, giň we çeper beýan edilýär. Beýik akyldar şahyrymyz şygyrlarynda ähli adamzat neslini ýagşylyga, ynsanperwerlige çagyrýar. Magtymguly atamyzyň şygryýetiniň içinden eriş-argaç bolup geçýän ynsanperwerlige ýugrulan pikir-garaýyşlar, pelsepewi taglymatlar milli özboluşlylygymyzyň